**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir.**

# TALYP SPORTY

Awgust, 2024 ý. № 8 (12)

Talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy-publisistiki neşiri

Esaslandyryjysy – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly



## BUÝSANDYRYJY ÜSTÜNLIKLER BILEN

Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlamagy, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen, ýurdumyzda milli demokratiýany, halk häkimiýetliligini mundan beýläk-de berkitmek, Garaşsyz döwletimiziň, häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň öňünde duran wezipeleri il-gün bolup maslahatlaşyp, geňeşip çözmek ýaly ata-baba ýol bolup gelýän ýörelgeler giň gerime eýe bolýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Türkmenistanyň Halk Maslahaty bu ugurda gazanylan ajaýyp taryhy we oňyn tejribäniň aýdyň görkezijisidir.

Mälim bolşy ýaly, her ýylyň sentýabr aýynda, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly toýunyň öňüsyrasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirilýär. Oňa jemgyýetiň ähli gatlaklary wekilçilikli gatnaşyp, tamamlanyp barýan ýylda ýurdumyzda amala aşyrylan işleriň jemlerine garalýar, öňde duran möhüm wezipeler ara alnyp maslahatlaşylyp, olar boýunça degişli çözgütler kabul edilýär. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini 24-nji sentýabrda çagyrmak we ony Aşgabat şäherindäki Maslahat köşgünde geçirmek hakynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumy Karar kabul etdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty ýurdumyzda halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasydyr. Onuň düzümine Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrliklerdir edaralaryň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň we syýasy partiýalaryň ýolbaşçylary girýär. Şeýle-de ýylda bir gezek geçirilýän mejlisiniň işine etrap, şäher halk maslahatlary, jemgyýetçilik guramalary we syýasy partiýalar, ilatyň aýry-aýry toparlary tarapyndan hödürlenen raýatlar wekilçilikli gatnaşýarlar. Bu sanawda Türkmenistanyň ýaşlarynyň, şol sanda talyp ýaşlaryň, orta mekdepleriň ýokary synp okuwçylarynyň hem özlerine mynasyp orun eýelemekleri ýurdumyzda üstünlikli alnyp barylýan ýaşlar syýasatynyň ajaýyp miweleridir. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen, il-ýurt bähbitli meseleleriň çözgüdine ilatyň has köp gatlaklarynyň wekilçilikli gatnaşmaklaryny üpjün etmek babatda alnyp barylýan işleriň aýdyň görkezijisidir.

Bilşimiz ýaly, bagtyýar ýaşlarymyz döwletimiziň özleri babatda alyp barýan oýlanyşykly we öňdengörüjilikli syýasaty esasynda bilimleriň esaslaryny ele alyp, ylmy we döredijilik gözleglerine gönügip, sport bilen meşgullanyp, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda alnyp barylýan möhüm işlere özleriniň mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

*(Dowamy 2-nji sahypada)*

### ARKADAGLY GAHRYMAN SERDARYMYZYŇ ÝAŞLAR BARADA PÄHIMLI SÖZLERINDEN

— Biziň esasy wezipämiz ýokary bilimli, hakyky watançy nesilleri terbiýeläp ýetişdirmekden ybaratdyr.

— Eziz Diýarymyzyň güýç-kuwwaty, abraý-mertebesi we aýdyň geljegi bolan ýaşlar biziň alyp barýan işlerimize, ýurdumyzyň ösüşlerine öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

— Ýaşlarymyzyň ruhy-ahlak, medeni, aň-bilim we beden taýdan ösüşine uly ähmiýet berýäris. Çünki ylymly-bilimli, sagdyn ýaşlar döwletimiziň kuwwatly güýjüdir, nurana geljegidir.

— Ýaşlar ylmyň gazananlaryny özleşdirmäge işjeň gatnaşýarlar. Mekdep okuwçylarymyz we talyp ýaşlarymyz abraýly halkara bäsleşiklerde uly üstünlikleri gazanýarlar.

— Ykbalyny sporta baglan ýaş türgenlerimiz Garaşsyz Watanymyzyň at-abraýyny ýokarlandyrýarlar.

— Men ýurdumyzyň ýaşlarynyň ene-ata we il-ýurt öňündäki mukaddes borjuny berjaý edip, mynasyp adamlar bolup ýetişjekdiklerine, ata Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda jan aýaman zähmet çekjekdiklerine pugta ynanýaryn.

— Biz ýaş alymlarymyzyň we talyplarymyzyň halkara ylym-bilim bäsleşiklerinde gazanýan üstünliklerine guwanýarys. Siziň gazanýan üstünlikleriňiz döwletimiziň abraýydyr, ähli halkymyzyň buýsanjydyr.

# BUÝSANDYRYJY ÜSTÜNLIKLER BILEN

*(Başlangyjy 1-nji sahypada)*

Döwletimiziň sport abraýyny täze ösüş basgançaklaryna çykarýan milli türgenlerimiziň hem agramly böleginiň ýaşlardygy, ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we uçurymlarydygy biz üçin uly buýsançdyr.

Hormatly Prezidentimiziň özleri hakynda edýän aladalaryndan ruhlanyp, olar geçen 2023-nji ýylyň noýabr aýynda paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesiniň Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynda şowly çykyşlary, ynamly ýeňişleri bilen döwletimiziň sport abraýyny ýene-de bir mertebe dünýä ýüzünde dabaralandyrdylar. Şol aýda Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport baradaky Hökümetara geňeşiniň düzümine saýlanandygy hakynda hoş habar ildeşlerimiziň ruhuny belende göterdi.

Bu ajaýyp görkezijiler «Pähimpaýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzyň aprel aýynda paýtagtymyzdaky Gyşky oýunlar sport toplumynda geçirilen Halkara hokkeý ýaryşynda görkezilen owadan oýunlar, eýelenen ýokary orunlar bilen has-da berkidildi. Aprel aýynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplar toparlarynyň we umumybilim berýän orta mekdepleriň ýokary synp okuwçylaryndan düzülen toparlaryň arasynda «Hereketli we sanly sport — sportda innowasiýalar» diýen at bilen bäsleşikleriň we serginiň geçirilmegi hem aýratyn ähmiýete eýe boldy. Mälim bolşy ýaly, häzirki döwürde ýaşlaryň arasynda aň-bilim we beden taýdan utgaşykly ösüşiň aýdyň mysaly bolan fijital sport barha giňden meşhurlyga eýe bolýar. Öňde duran 2023 — 2024-nji okuw ýylyndan başlap, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 12-sinde täze dersleriň we ugurlaryň 7-si boýunça bilim beriljekdigi, şolaryň sanawynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyňp binýadynda hem fijital sport boýunça bilim bermegiň ýola goýuljakdygy hormatly Prezidentimiziň üstünlikli alyp barýan bilim we ýaşlar babatda parasatly syýasatlarynyň aýdyň şöhlelenmesidir.

Biz — bilim hem-de sport ulgamynyň hünärmenleri, öz öňümizde goýlan möhüm wezipeleri mundan beýläk-de mynasyp amal edip, döwlet Baştutanymyzyň jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak, köpçülikleýin bedenterbiýäni we sporty giňden wagyz etmek, ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmakda mynasyp goşantlaryny goşjak milli türgenlerimizi terbiýeläp ýetişdirmek babatda yhlasly, halal zähmet çekeris, işiň täze usullaryny we tärlerini ulanyp, ylmy we döredijilik gözleglerimizi dowam etdireris diýip ähli ildeşlerimizi ynandyrýarys. Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylyk etmeginde sentýabr aýynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň işiniň üstünliklere beslenip, onda il-ýurdumyz, Türkmenistanyň içeri we daşary syýasat, ugurlarynda, halkara gatnaşyklarynda möhüm bolan täze çözgütleriň kabul ediljekdigine ynanýarys.

Bize işlemäge, ylmy we döredijilik gözlegleri bilen meşgullanmaga giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, il-ýurt, umumadamzat ähmiýetli işlerinde hemişe üstünlik arzuw edýäris.

***Gurbanmyrat SÄHEDOW,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň okuw işleri boýunça prorektory, pedagogika ylymlarynyň kandidaty.***

## Dilde senam — Türkmenistan

Türkmenistan Garaşsyzlygyny 1991-nji ýylda gazandy. Her ýylyň 27-nji sentýabry Türkmenistanyň Garaşsyzlyk günüdir.

* * *

Türkmenistan 1992-nji ýylyň mart aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzasy boldy.

* * *

Türkmenistan 1995-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen dünýäde ilkinji hemişelik Bitarap döwlet halkara hukuk derejesine eýe boldy. Birleşen Milletler Guramasy 2015-nji ýylda bu hukuk derejesini berkitmek maksatlarynda gaýtadan Kararnama kabul etdi.

* * *

Türkmenistan häzirki wagtda dünýäniň 151 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy we abraýly halkara guramalarynyň 50-den gowragynyň agzasydyr.

# ÝETGINJEK BOKSÇULARYŇ ÝEŇŞI

Türkmenistanly ýetginjek boksçular Gazagystan Respublikasynyň Aktau şäherinde geçirilen halkara ýaryşynda medallaryň 6-syna mynasyp boldular.

«Dosan batyr» sport toplumynda, meşhur boksçy Bokenbaý Saktaganowyň ýadygärligine bagyşlanyp geçirilen bu iri halkara sport bäsleşiginde 54 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Jeýhun Döwranow altyn medal, 57 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Meýlis Şadurdyýew kümüş medal, 48 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Hangeldi Lukmanow, 60 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Mekan Sabyrow, 63,5 kilograma çenli agramda çykyş eden Annageldi Jumamyradow we 67 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Atageldi Seýidow bürünç medal gazandylar.

Türkmenistanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň we Gazagystanyň wekillerini özünde jemlän halkara ýaryşynda gazanylan bu guwandyryjy netijeler milli ýygyndy toparymyzyň türgenleriniň ussatlyk basgançaklaryndan barha ýokary galýandyklaryny görkezýän buýsançly waka boldy.

Bu iri halkara ýaryşda milli ýygyndy toparymyzyň türgenlerine ýurdumyzyň ýetginjekler ýygyndy toparynyň uly tälimçisi Maksut Şeripow bilen baş tälimçisi Tenilbek Kumakulow tälim berdi. Bu halkara ýaryşyna ildeşimiz Timur Halilow hem emin hökmünde gatnaşdy.

Ýetginjek boksçularymyzyň Aktau şäherinde geçirilýän bäsleşiklere şu ýylyň dowamynda ikinji gezek gatnaşýandyklaryny bellemek bolar. Dostlukly döwletde fewral aýynda geçirilen halkara ýaryşynda hem Maksat Şeripowyň tälimçiligindäki milli ýygyndy toparymyzyň ýetginjek türgenleri medallaryň 8-sini gazanypdylar. Milli türgenlerimizden Meýlis Şadurdyýew, Hangeldi Lukmanow we Mekan Sabyrow bu ýaryşlaryň ikisinde hem hormat münberine çykdylar.

***Mährigözel SUWHANOWA,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.***

# SAMBOÇYLARYMYZYŇ ÜSTÜNLIGI

*Sambo boýunça milli ýygyndy toparymyzyň türgenleri 15 — 16-njy awgustda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpan-Ata şäherinde geçirilen Sambo boýunça dünýä kubogyna gatnaşdylar.*

*Sport sambosy we söweş sambosy nusgalary boýunça erkekleriň hem-de zenanlaryň arasynda geçirilen bäsleşiklere milli türgenlerimiziň 29-sy gatnaşdy.*

*Oýunlaryň birinji gününde sport sambosy boýunça erkekleriň arasynda guralan tutluşyklarda 58 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli ýygyndy toparymyzyň türgeni Babamurat Baýramow 3-nji orna, bürünç medala, 71 kilogram agram derejesinde çykyş eden türgenimiz Kambar Umarow 3-nji orna, bürünç medala eýe boldy.*

*Ýaryşyň birinji gününde söweş sambosy boýunça erkekleriň arasynda guralan bäsleşiklerde 64 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli türgenimiz Kerim Kerimow üçünji orna, bürünç medala, 79 kilogram agram derejsinde çykyş eden milli türgenimiz Agasapar Muhadow üçünji orna, bürünç medala eýe boldy.*

*Ýaryşyň ikinji gününde 64 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli türgenimiz Nyýazmyrat Babekow birinji orny — altyn medaly eýeledi.*

*Söweş sambosy boýunça erkekleriň arasynda guralan bäsleşiklerde 58 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli türgenimiz Ýusup Taňryberdiýew 2-nji orny eýeläp — kümüş medal, 88 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli türgenimiz Maksat Annagylyjow üçünji orny eýeläp, bürünç medal gazandy.*

*Ýaryşyň ikinji güni zenan türgenlerimizden sport sambosy boýunça 50 kilogram agram derejesinde çykyş eden Aziza Nazarowa 3-nji orny — bürünç medaly, söweş sambosy boýunça 54 kilogram agram derejsinde çykyş eden milli türgenimiz Zarina Abdyrahmanowa ikinji orny — kümüş medaly, 72 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli türgenimiz, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň şu ýylly uçurymy Gülzada Jorakulyýewa üçünji orny, bürünç medaly eýeledi.*

***Mamagül JORAÝEWA,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.***

# ÜSTÜNLIKLERIMIZ DOWAMLY BOLSUN!



*Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary esasynda ähli pudaklar babatda täze ösüşler gazanylýan ýurdumyzda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň 2024 — 2025-nji täze okuw ýyly bosaga geldi. Ýurdumyzyň bilim ulgamynyň işgärleri, ýokary, başlangyç we ýörite orta hünär, hem-de umumybilim berýän orta mekdepleriň professor-mugallymlary, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň terbiýeşynaslary şanly ýylymyzda gazanylan üstünliklere ser salmak, şeýle-de öňde duran möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşmak üçin Bilim işgärleriniň awgust maslahatyna jemlenişip, milli bilim ulgamynda öňde durýan möhüm wezipeler bilen tanyşdylar. Geljek okuw ýyly üçin öz üstlerine täze borçnamalary aldylar.*

*Biziň Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutymyzyň professor-mugallymlary, tälimçileri we beýleki hünärmenleri, okuw, okuw-usuly, ylym we terbiýeçilik bölümleriniň hünärmenleri geçen 2023 — 2024-nji okuw ýylyny üstünlikli jemläp, täze okuw ýylyna ýokary taýýarlyk derejesinde geldiler. Kafedralarda dersler we sapaklar boýunça okuw maksatnamalary ara alnyp maslahatlaşylyp, institutyň ýolbaşçylary tarapyndan degişli tertipde tassyklanylyp, professor-mugallymlar, tälimçiler we beýleki işgärler iş ýüki bilen üpjün edildi. Institutda hereket edýän jemgyýetçilik guramalarynyň we syýasy partiýalaryň ilkinji guramalary täze okuw ýyly üçin medeni-köpçülikleýin we terbiýeçilik maksatly çäreleriň meýilnamalaryny degişli tertipde ylalaşyp, okuwyň ilkinji gününden işe girişmäge taýýarlanýarlar.*

*Mälim bolşy ýaly, geçen okuw ýylynyň we tomusky dynç alyş döwrüniň dowamynda talyp türgenlerimiz, şeýle hem dürli dersler boýunça zehinli talyp deň-duşlarymyz abraýly halkara sport ýaryşlaryna, ders olimpiadalaryna gatnaşyp, Garaşsyz döwletimiziň mukaddes ýaşyl Tuguny belentde parlatdylar. Ýokary okuw mekdebimiziň uçurymlary özleriniň ýollama boýunça iberilen iş orunlaryna baryp, geljekki zähmet we hünär ýollaryna ynam bilen gadam basdylar. Ýene-de buýsançly ýagdaýlaryň biri täze okuw ýylynda institutymyzyň fakultetlerine, hünärlerine sportuň dürli görnüşleri boýunça döwlet we halkara derejeli ýaryşlarda altyn, kümüş, bürünç medallary gazanan täze talyp ýoldaşlarymyzyň gelip goşulanlygydyr.*

*Biz täze okuw ýylynda institutymyzyň pedagogiki zähmet köpçüligine, talyp deň-duşlarymyza üstünlik arzuw edip, gazetimiziň şu sanynda olar barada giňişleýin gürrüňdeşlikleri taýýarladyk. Olary okyjylarymyza hödürleýäris.*

***Arazsoltan MÄMMEDOWA,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.***

# ŞANLY ÝYLYMYZYŇ AJAÝYP MAZMUNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly özüniň ajaýyp many-mazmuny, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen durmuşa geçirilýän täze beýik özgertmeleri bilen durmuşymyza hem-de ruhumyza siňýär.

Bu ajaýyp ýylda ýurdumyzda XVIII asyr türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili, Gündogaryň beýik danasy Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk toýy şanly wakalara, ylmy amaly maslahatlara, döredijilik duşuşyklaryna beslenip bellenilip geçildi.

Şunuň bilen birlikde milli sport ulgamymyzda döwletimiziň sport abraýyny täze basgançaklara göteren, hormatly Prezidentimiziň sport diplomatiýasyny ýene-de bir ýola giňden dabaralandyran şanly wakalar bolup geçdi. Muňa aýdyň mysallar hökmünde paýtagtymyz Aşgabat şäheriniň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip ykrar edilmegini, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda «Hereketli we sanly sport — sportda innowasiýalar» atly sport bäsleşikleriniň geçirilmegini, Gyşky oýunlar toplumynda Halkara hokkeý ýaryşynyň geçirilmegini, Olimpiýa şaherçesiniň Tennis toplumynyň «Tennis boýunça Aziýanyň okuw-türgenleşik merkezi» diýlip yglan edilmegini we beýleki köp sanly buýsandyryjy wakalary agzap geçmek bolar.

Şonuň ýaly-da, milli türgenlerimiz Fransiýanyň Pariž şäherinde geçirilen XXXIII Olimpiýa oýunlaryna we beýleki abraýly halkara çärelerine gatnaşyp, Garaşsyz Türkmenistanyň sport ýurdudygyny ýene-de bir mertebe dünýä ýaýdylar. Doganlyk Gyrgyz Respublikasynyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilen Sambo boýunça dünýä Kubogynda türgenlerimiziň sport sambosy we söweş sambosy nusgalary boýunça 1 altyn, 2 kümüş we 7 bürünç medal eýelemekleri has hem buýsandyryjydyr.

Bu ajaýyp görkezijiler biziň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzyň ajaýyp many-mazmunyny düzýär.

Goý, şanly ýylymyz ýene täze üstünliklere beslensin!

***Agabaý AKMYRADOW,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.***

«Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy»

# ABADAN DURMUŞYŇ HATYRASYNA



Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen indi her ýylda geçirilmegi ajaýyp däbe öwrülen «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlyk çäre badalga aldy.

Mälim bolşy ýaly, her ýylyň 1 — 30-njy sentýabry aralygynda geçirilýän bu biraýlygyň dowamynda diňe bir şäherlerimiziň, obadyr etraplarymyzyň köçelerinde, şäherara ýollarda köçe-ýol hereketiniň howpsuzlygyna gözegçilik çäreleri işjeňleşdirilmän, eýsem ulaglaryň we pyýada ýolagçylaryň howpsuz hereketlerini üpjün etmegiň usullary, tärleri öwrenilýär, kämilleşdirilýär we dürli ýaşdaky ilatyň arasynda giňden wagyz edilýär.

Biraýlygyň dowamynda, meýilleşdirilen çärelere laýyklykda, edara-kärhanalarda zähmet çekýän raýatlaryň, ýokary we orta okuw mekdepleriniň okuwçylarydyr talyplarynyň, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň körpeleriniň arasynda bolup, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň işgärleri, jemgyýetçilik guramalarynyň, syýasy partiýalaryň wekilleri, bilim, saglygy goraýyş edaralarynyň hünärmenleri tarapyndan bilelikde, köçe-ýol hereketiniň düzgünleriniň kadalaryny dogry berjaý etmek babatda degişli audio-wideo maglumatlaryň, dürli görkezme esbaplaryň kömegi bilen çuňňur we giňişleýin mazmunly düşündiriş-wagyz işleri guralýar. Orta mekdep okuwçylaryna bu ugurda degişli tertipde tassyklanylan esasda ýazdyrmalar ýazdyrylýar. Dürli çeperçilik-dizaýn talaplary ýerine ýetirilip taýýarlanan ýatlatmalar paýlanylýar.

«Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlyk sürüjileriň, pyýada ýolagçylaryň, ýol hereketine gözegçilik ediji Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň işgärleriniň, şeýle hem köçe-ýol hereketini düzgünleşdiriji ýol belgileriniň, ýolyşyklaryň arasynda ýüze çykýan özara hukuk gatnaşyklarynyň we özara düşünişmeleriň bir ýere jemlenen çäreler toplumydyr. Bu biraýlygyň dowamynda alynýan düşünjeler, kämil endikler ilat arasynda köçe-ýol hereketine gatnaşmak wagtynda döräp biljek şikes almalaryň, awtoulag-ýol heläkçilikleriniň öňüni almakda aýratyn möhüm ähmiýete eýedir.



Biz Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimizi ösüşler ýoly bilen öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda üstünlik arzuw edýäris. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk toýuna toýlamaga barýan mähriban halkymyza, eziz ildeşlerimize durmuş we ýurt abadançylygyny dileg edýäris.

***Arzuw ŞAÝYMOWA,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.***

# 1-nji ÝYL TALYPLARYMYZYŇ ÝÜREK BUÝSANÇLARY

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda okadylýan hünärler boýunça geçen ýyllaryň dowamynda sportuň dürli görnüşleri boýunça döwlet we halkara derejesinde geçirilen ýaryşlarda, çempionatlarda tapawutlanan ýaşlaryň bir topary giriş synaglaryny üstünlikli tabşyryp, 1-nji ýyl talyplary boldy.

Biz şol ýaşlaryň birnäçesiniň ýürek buýsanjyny okyjylarymyza ýetirýäris.



*— Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmagymy ömrümiň iň bagtyýar pursady diýip hasap edýärin. Bu bagtyýar pursatlar üçin men biz — ýaşlar üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza çyn ýürekden alkyşly sözlerimi beýan edýärin.*

*Men 9 ýaşymdan bäri küşt boýunça türgenleşiklere gatnaşyp başladym. 2022-nji ýylda Gruziýa Respublikasynda ýetginjekleriň arasynda geçirilen Dünýä çempionatyna, 2023-nji ýylda Şri-Lanka döwletinde 20 ýaşa çenli ýetginjekleriň arasynd geçirilen Aziýa çempionatyna gatnaşdym. 2023-nji ýylda Özbegistan Respublikasynda 17 ýaşa çenli mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilen ýaryşda altyn medal gazanyp, sport ussatlygyna dalaşgäriň kadasyny doldurdym. Türkmenistanyň üç gezek çempiony.*

*Men saýlan ugrum boýunça ýene-de abraýly halkara ýaryşlaryna gatnaşyp, döwletimizň ýaşyl Tuguny belentde parlatmaga goşandymy goşaryn diýip ynandyrýaryn.*

***Amanmuhammet HOMMADOW,***
***Küşt boýunça milli ýygyndy toparyň agzasy, sport ussatlygyna dalaşgär, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby.***



*— Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmak çagalyk arzuwymdy. Arzuwlaryň wysal bolýan ýurdy eziz Watanymyzda men hem bu arzuwyma ýetdim. Şu bagtyýar pursatlara çenli grek-rim göreşi boýunça 2022-nji ýylda 17 ýaşa çenli ýetginjekleriň arasynda, 2023-nji ýylda 20 ýaşa çenli ýetginjekleriň arasynda geçirilen Türkmenistanyň çempionatlarynda, şeýle hem 2024-nji ýylda geçirilen grek-rim göreşi boýunça spartakiadada Türkmenistanyň çempiony bolmak miýesser etdi. Şeýle-de 2023 — 2024-nji ýyllaryň dowamynda Türkiýe Respublikasy, Tailand, Rumyniýa ýaly ýurtlarda geçirilen dünýä çempionatlarynda we halkara ýaryşlarynda üstünlikli çykyş etdim.*

*Talyp bolmagym wajyp bolan ylmy-usuly bilimlerimi artdyrmakda, beden taýdan has-da taplanmagymda ýardam berer diýip ynanýaryn.*

*Biz — ýaşlara okamaga, türgenleşmäge döredip berýän mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýärin.*

***Kemal KAKABAÝEW,***
***Grek-rim göreşi boýunça milli ýygyndy toparyň agzasy, sport ussatlygyna dalaşgär, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby:***



— Men çagalygymdan höwes edip gelýän ugrum bolan uşu boýunça 2018-nji ýylda Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherinde geçirilen Aziýa çempionatynda 2-nji orny eýeledim. 2022-nji ýylda Indoneziýa döwletinde geçirilen dünýä çempionatyna, 2023-nji ýylda Özbegistan Respublikasynda geçirilen Aziýa çempionatyna gatnaşyp, üstünlikli çykyş etdim. 2024-nji ýylda Türkmenistanyň çempionatynda çykyş edip, 2-nji orna mynasyp boldum. Türkmenistanyň birnäçe gezek çempiony.

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmagym meniň buýsançly başymy ýene-de bir mertebe belende göterdi. Bu ýerde okap aljak bilimim, özleşdirjek ussatlyk endiklerim maňa abraýly halkara ýaryşlarynda çykyş edip, döwletimiziň mukaddes ýaşyl Tuguny asmanda parlatmaga ýardam berer diýip ynanýan.

Biz — ýaşlara okamaga, bilimleriň esaslaryny ele alyp, öz kärinden ezber baş çykarýan hünärmenler bolup ýetişmäge ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýaryn.

***Selim NOWRUZOW,***
***Uşu boýunça milli ýygyndy toparyň agzasy, sport ussatlygyna däläşgär, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby:***



*— Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmagym meniň üçin geljekde özümden has-da talapy güýçlendirmegime, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň biz — ýaşlara bildirýän belent ynamlaryny ödemekde özümde has-da çuňňur jogapkärçilik duýmagyma esas berdi.*

*Men öz hünär ýolumy futbola bagladym. 12 ýyl bäri şu ugurda türgenleşip we çykyş edip gelýärin. Esasy çykyş eden toparym «Ahal» futbol topary. 2020-nji ýylda Türkmenistanyň birinjiligi ugrunda geçirilen ýaryşlarda toparymyz 1-nji orna mynasyp boldy. 2022-nji ýylda U17 ýaryşyna, 2024-nji ýylda Özbegistanda, Täjigistanda, Gyrgyz Respublikasynda, Eýranda we Türkmenistanda geçirilen futbol ýaryşlaryna gatnaşdym.*

*Üstümizdäki «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzyň sentýabr aýynda U20 Ýaşlar toparynyň düzüminde çykyş edýärin.*

*Ýokary bilimli bolmak biziň özümiz hakynda döwletimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň edýän çuňňur aladalaryna has-da köp taraply düşünmegimize we hünärimize has-da yhlasly çemeleşmegimize ýardam berýär. Biz okap alan bilimlerimizi döwletimiziň sport abraýy üçin sarp ederis.*

*Bize okamaga, türgenleşmäge ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda üstünlik arzuw edýärin.*

***Amanmuhammet HOMMADOW,***
***Küşt boýunça milli ýygyndy toparyň agzasy, sport ussatlygyna dalaşgär, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby.***



— «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyz meniň üçinem şatlykly, çagalykdan eden arzuwlarymyň wysala gowşan ýyly boldy. Men Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby boldum.

Okuwa gelýänçäm, öz saýlan ugrum boýunça halkara ýaryşlaryň birnäçesine gatnaşyp, baýrakly orunlary eýeläp gördüm. Agyr atletika boýunça milli ýygyndy toparymyzyň düzüminde çykyş edip, 2022-nji ýylda Özbegistan Respublikasynda geçirilen Agyr atletika boýunça Aziýa çempionatynda öz agram derejämde 3-nji orna, 2023-nji ýylda Hindistan Respublikasynda geçirilen Agyr atletika boýunça Aziýa çempionatynda 2-nji orna, şeýle-de şol ýylda Albaniýa döwletinde geçirilen Agyr atletika boýunça dünýä çempionatynda 3-nji orna mynasyp boldum.

Dünýä döwletlerinde geçirilýän iri halkara ýaryşlaryna gatnaşýan pursatlaryň Watan diýen mukaddes duýgy saňa güýç berýär.

Men öz durmuşymda ýeten şeýle belent derejelerim üçin biz — ýaşlara ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýüregimden alkyş aýdýaryn hem-de özüme biuldirilen şeýle belent ynamy ýokary hilli bilim almagym we kämil türgenleşiklerim, Watanymyzyň hatyrasyna ynamly sport ýeňişlerim bilen ödärin diýip ynandyrýaryn.

Biz — ýaşlara okamaga, öwrenmäge, türgenleşmäge ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýärin.

***Gülälek KAKAMYRADOWA,***
***Agyr atletika boýunça milli ýygyndy toparyň agzasy, sport ussatlygyna däläşgär, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby.***



*— Men şaýbaly hokkeý boýunça «Şir» hokkeý klubunda türgenleşdim, şeýle hem milli ýygyndy toparymyzyň düzüminde çykyş etdim. 2020-nji ýylda «Türkmenistanyň iň ökde goragçysy» diýen ada hem mynasyp boldum. 2023-nji ýylda Mongoliýa Respublikasynda geçirilen U18 we Aziýa we Ýuwaş ummany ýurtlarynyň çempionatynda kümüş medala, 2024-nji ýylda Günorta Afrika Respublikasynyň Keýpdawund şäherinde geçirilen dünýä çempionatynda hem kümüş medala mynasyp boldum.*

*Şu ýyl meniň durmuşymda ýatdan çykmajak ýyllaryň biri boldy. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmak bagty miýesser etdi. Özüme bildirilen bu belent ynamy sapaklara we türgenleşiklere ýokary hilli ýetişigim, geljekde gatnaşjak halkara ýaryşlarymyzda gazanjak belent netijelerim bilen ödärin diýip, ähli ildeşlerimizi ynandyrýaryn.*

*Hokkeý Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen, ýurdumyzda täze döwürde ösýän sport görnüşidir. Şuňa garamazdan, eýýäm bu ugurda ajaýyp, buýsandyryjy üstünliklerimiz bar. Men bu üstünliklere goşandymy goşmak üçin yhlasly okaryn we ýadawsyz türgenleşerin.*

*Bize okamaga, türgenleşmäge, halkara ýaryşlara gatnaşyp, ýurdumyzyň sport abraýyny artdyrmaga giň ýol açyp berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk arzuw edýärin.*

***Allan MUHYÝEW,***
***Şaýbaly hokkeý boýunça milli ýygyndy toparyň agzasy, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby.***

# GARAŞSYZLYK — SEN HALKYMYŇ ARZYLANY, ARZUWY!



Mukaddes Garaşsylygymyz halkymyzy uly bagta eýe etdi. Bu uly bagtyň gözbaşynda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň täze tapgyrlarda dowam edýän belent ösüşleri durýar.

Garaşsyzlygymyzy gazanmagymyz bilen, ägirt uly tebigy baýlyklarymyz, milli gaýtadan işleýän senagat we oba hojalyk ulgamymyz halkymyzyň öz eýeçiligine geçip, ýurdumyzda bolelinlik, erkanalyk höküm sürdi. Garaşsyz , hemişelik Bitarap döwletimiz özüniň içeri hem-de daşary syýasat ugurlaryny, halkara gatnaşyklarynda goldanýan ýörelgelerini özbaşdak kesgitläp, dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürip başlady.

Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur pähim-parasada ýugrulan başlangyçlary bilen, Garaşsyzlygymyzyň many-mazmuny has-da giňäp, özgerip, türkmen ýaşlarymyz dünýäniň abraýly okuw mekdeplerinde zamanabap hünärleri ele almaga başladylar. Şeýle-de ýurdumyzda döredilen täze ýokary okuw mekdepleriniň sany, öňden hereket edip gelýänleri bilen bilelikde hasap edilende, ýigrimä ýetdi. Olarda milli ykdysadyýetiň häzirki ösüp ýeten derejesi nukdaýnazaryndan täze-täze okuw dersleri we sapaklary girizilip, ykdysadyýetimiziň we senagatymyzyň ähli pudaklary özümizde ýetişdirilen giň gözýetimli, tejribeli ýaş hünärmenler bilen üpjün edilýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen täze tapgyrlarda ösdürilýän milli ykdysadyýetimizi zamanabap bilimli, dünýä dillerinden baş çylarýan, sagdyn durmuş ýörelgelerine eýerýän ýaş hünärmenler bilen mundan beýläk-de ýokary derejede üpjün etmek üçin üstümizdäki «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda badalga alan täze 2024 — 2025-nji okuw ýylyndan başlap ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 12-sinde täze hünärler boýunça dersleriň 7-siniň girizilendigi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Şol sanda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda fijital sport boýunça täze hünäriň girizilmegi geljegiň sporty hasap edilýän, dünýä ýurtlarynda giňden meşhurlyga eýe bolýan bu görnüş boýunça milli türgenlerimiziň we hünärmenlerimiziň ýetişmegine, şeýlelikde sportuň bu täze görnüşi boýunça dünýä bilen aýakdaş ösmäge tarap ädilen ynamly ädimdir.

Türkmen ýaşlary mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramy giňden belleniljek şu ýylyň birinji ýarymynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň binýadynda guralan «Hereketli we sanly sport — sportda innowasiýalar» diýen at bilen sportuň täze fijital görnüşleri boýunça geçirilen ýaryşlarda aportuň bu ugry boýunça amaly-tejribe taýdan taýýarlyk derejelerini aýdyň görkezdiler.

Biz Garaşsyzlygymyzyň syýasy, ykdysady we ruhy sütünlerini berkitmekde uly işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uly üstünlikleri arzuw edýäris.

**Merjen MÄJEKOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport tehnologiýalary we menejmenti kafedrasynyň mugallymy.**

### 12-nji awgustda ýurdumyzda Hazar deňziniň güni bellenilip geçildi

# TÄZE MÜMKINÇILIKLERIŇ DEŇZI

Mälim bolşy ýaly, şu günki ajaýyp döwrümizde hemişelik Bitarap döwletimiz dünýäniň 150-den gowrak döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ösdürýär, 50-den gowrak abraýly halkara guramalarynyň agzasy bolup durýar. Halkara şertnamalarynyň, konwensiýalarynyň onlarçasyny tassyklady. Şeýle dünýä hem-de sebit bähbitli halkara resminamalarynyň biri hem Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly konwensiýadyr. 2003-nji ýylyň 4-nji noýabrynda Eýran Yslam Respublikasynyň paýtagty Tähran şäherinde Hazarýaka döwletleriň Prezidentleri tarapyndan gol çekilen bu konwensiýa 2006-njy ýylyň 12-nji awgustyndan güýje girdi. Şol gün «Hazar deňziniň güni» diýlip yglan edildi.

Şondan bäri geçen döwrüň dowamynda Hazar deňziniň daşky gurşawyny gorap saklamakda, sebitde durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen gatnaşyklary berkitmekde we bu ugurda alnyp barylýan beýleki degişli çärelerde oňyn netijeler gazanyldy. 2007-nji ýylda Tähran şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň ikinji Hazar sammiti, 2010-njy ýylda Azerbaýjan Respublikasynyň paýtagty Baku şäherinde geçirilen üçünji, 2014-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Astrahan şäherinde geçirilen dördünji sammiti Hazar deňziniň daşky gurşawyny, tebigy baýlyklaryny gorap saklamak bilen bagly möhüm çözgütleriň kabul edilen wajyp forumlary hökmünde taryha girdi. Gazagystan Respublikasynyň Aktau şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň bäşinji Hazar sammiti bu ugurda düýpli çözgütleriň we netijeleriň gazanylan ýeri hökmünde aýratyn ähmiýete eýedir. Çünki bu forumda Hazar deňziniň hukuk derejesini kesgitleýän resminama — Hazar deňziniň hukuk derejesi hakynda Konwensiýa gol çekildi.

Türkmenistanyň başlangyjy esasynda Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk etmek hakynda Hazarýaka döwletleriň Hökümetleriniň arasynda Ylalaşygyň hem-de Ulag babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Hazarýaka döwletleriň Hökümetleriniň arasynda Ylalaşygyň kabul edilmagi hem Hazar deňzi babatda döwletara gatnaşyklaryň has-da ilerlemeginde möhüm pursatlar boldy diýip aýtmak bolar. Bu barada 2019-njy ýylyň 11 — 12-nji awgustynda Türkmenistanyň Türkmenbaşy şäherinde geçirilen Birinji Hazar ykdysady forumynyň jemleri boýunça başlyklygyň beýannamasynda bellenilip geçildi.

Türkmenistanyň başlangyjy we başlyklyk etmeginde geçirilen Birinji Hazar ykdysady forumynyň jemleri boýunça başlyklygyň beýannasynda Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýanyň orny bellenilmek bilen, Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda Hazarýaka döwletleriniň hökümetleriniň arasyndaky Ylalaşygyň hem-de Ulag babatda hyzmatdaşlyk hakynda Hazarýaka döwletleriniň hökümetleriniň arasyndaky Ylalaşygyň kenarýaka döwletleriň ykdysady ugurdaky hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga we ösdürmäge ýardam berýändigi ykrar edildi.

Kabul edilen beýannamada şeýle hem Hazar ykdysady forumynyň esasynyň (platformasynyň) sebitde hem-de onuň çäklerinden daşarda ykdysady ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen hyzmatdaşlygyň möhüm görnüşine öwrülip biljekdigi hem bellenildi. Söwda we maýa goýum syýasaty babatda mümkinçiligi giňeltmegiň hem-de Hazar sebitinde söwdanyň we maýa goýumlarynyň bähbitlerine eksport ibermeleri üçin söwda amallaryny ýönekeýleşdirmegiň hem-de mümkinçilikleri artdyrmagyň zerurdygy, Hazar sebitiniň ýurtlarynyň we ähli gyzyklanma bildirýän taraplaryň, şol sanda hususy pudagyň, assosiasiýalaryň we ylmy toparlaryň öňdebaryjy tejribäniň meseleleri hem-de ykdysady gatnaşyklary ösdürmegi üpjün etmek üçin maksatlary amala aşyrmaga degişli çäreler boýunça işjeň gepleşikleri goldap biljekdigi hem ady agzalan beýannamada agzaldy.

Birinji Hazar ykdysady forumynyň jemleri boýunça başlyklygyň beýannamasy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 73-nji sessiýasynyň resminamasy hökmünde kabul edilip, gurama agza döwletleriň dillerinde neşir edilip ýaýradyldy.

Gahryman Arkadagymyz Birinji Hazar ykdysady forumynda Hazar deňzini «Mümkinçilikler deňzi» diýip atlandyrmak bilen: «Biz bilelikde Hazar sebitiniň parahatçylyk we ösüş üçin howplardan azat bolan durnuklylyk hem-de ynanyşmak zolagy bolmagynda galmagy üçin ähli tagallalary etmelidiris. Türkmenistan umumyhazar gepleşiklerine işjeň gatnaşmak bilen, bu işe mundan beýläk-de öz goşandyny goşmaga, ähli meselelere gyzyklanma bildirip, ara alyp maslahatlaşmaga we olar boýunça ylalaşykly çözgütleri tapmaga taýýardyr. Biziň ýapyk ýa-da oňaýsyz meselelerimiz ýokdur, biz hyzmatdaşlarymyz bilen bilelikde geljekki ylalaşyklary gazanmaga, Hazar gün tertibiniň anyk ugurlary boýunça özara gatnaşyklary ösdürmäge taýýardyrys» diýip belledi.

Biz döwletimizi täze ösüşler ýoly bilen öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza her bir il-ýurt, umumadamzat ähmiýetli işlerinde üstünlik, uzak ömür, jan saglyk arzuw edýäris.

*Arslan MYRADOW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Ylym bölüminiň hünärmeni.*



# TALYP TÜRGENLERIMIZIŇ ALTYN ARZUWLARY

*Täze 2024 — 2025-nji okuw ýylynyň gelmegi mynasybetli biz institutymyzyň fakultetlerinde dürli hünär ugurlaryndan bilim alýan talyp türgenlerimiziň birnäçesi bilen gürrüňdeş bolup, olaryň täze okuw ýyly bilen bagly ýüreklerinde besleýän altyn arzuwlary bilen gyzyklandyk.*

*Talyp türgenlerimiz öz ýürek arzuwlaryny göwünjeň paýlaşdylar. Biz talyp türgenlerimiziň şol ýürek arzuwlarynyň arasyndan iň naýbaşylaryny olaryň altyn arzuwlary diýip hasap etdik we olary gürrüňdeşliklere sözbaşy edip çykardyk.*

*Şol gürrüňdeşlikleri okyjylarymyza hödürleýäris.*

*«Talyp sporty».*

## Ýapyk binalardaky V Aziýa oýunlaryna gatnaşmak

*Kamila PARDAÝEWA,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Bedenterbiýe fakultetiniň talyby:*

— Täze okuw ýylyndan garaşýan netijelerim uly. Öz alýan hünärim boýunça bilimlerimi ýene-de çuňlaşdyrmak. Şeýle-de öňde goýýan asylly maksatlarymyň biri — altyn arzuwym Tailand döwletinde geçiriljek Ýapyk binalardaky V Aziýa oýunlaryna gatnaşyp, döwletimiziň sport abraýyny nobatdaky basgançaklara çykarmak, mukaddes ýaşyl Tugumyzy belentde parlatmak.

Ilkinji gezek 2022-nji ýylda Türkiýe Respublikasynda geçirilen 4-nji Dünýä çarwadarlar oýnunda 62 kilogram agram derejesinde çykyş edip, kuraş görnüşi boýunça altyn medalyň eýesi bolanyma kän wagt hem geçmedik ýaly. Geçen gysga döwrüň dowamynda bu ilkinji ýeňşim Özbegistan Respublikasynda geçirilen Aziýa çempionatynda belbogly görnüşi boýunça, gazak göreşi boýunça çykyş edip gazanan bürünç medallarym we beýlekiler bilen baýlaşypdyr.

Baş arzuwlarymyň biri Türkmen dowlet bedenterbiýe we sport institutyna okuwa girmekdi. Ol arzuwym hasyl boldy. Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi Dörtguly Tejenowdan tälim alýaryn.



Ähli talyp deň-duşlaryma okuwlarynda, türgenleşiklerde, dürli derejeli ýaryşlarda üstünlik arzuw edýärin.

Okamaga, türgenleşmäge döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe rowaçlyk dileg edýärin.

## Aziýanyň çempiony bolmak



*Abdylweli RAHIMBAÝEW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň talyby:*

— Türgeniň altyn arzuwy ýeňiş gazanmak diýip hasap edýärin. Arzuwyma ýetmek üçin şu günlerden ýokary depginde türgenleşýärin. Öňde duran okuw ýylyndan garaşýan netijelerim uly. 2025-nji ýylda geçiriljek Grek-rim göreşi boýunça Aziýa çempionatyna gatnaşmak bagty miýesser edip, şol ýaryşlarda ýeňiji bolmak meniň altyn arzuwym.

«Mümkinçiligiň barmy?» diýen sowal döreýän bolmagy mümkin. Bu sowal meniň özümi hem gyzyklandyrýar.

2019-njy ýylda Rumyniýa döwletiniň Buharest şäherinde geçirilen Grek-rim göreşi boýunça halkara ýaryşynda 48 kilograma çenli agram derejesinde çykyş edip, altyn medal gazandym. Ýene-de 2023-nji ýylda şol ýerde geçirilen halkara ýaryşynda 55 kilograma çenli agram derejesinde çykyş edip, kümüş medala mynasyp boldum. Türkmenistanyň 5 gezek çempiony. Şeýle-de söýgüli sport görnüşim boýunça dünýä ýurtlarynda geçirilen çempionatlarda, ýaryşlarda üstünlikli çykyş edip gelýärin.

Şu maglumatlara göz aýlap, öňde dörän sowala, belki, talapkär janköýerleriň özleri jogap bererler.

Men ähli talyp we türgen deň-duşlaryma okuwda, türgenleşiklerde üstünlik gazanyp, ýüreklerinde beslän maksatlaryny durmuşa geçirmeklerini arzuw edýärin.

Okamaga, türgenleşmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, döwletli başlangyçlary hemişe rowaç bolsun.

## Dünýä çempionlygyny gazanmak

*Ogulsuraý TÄÇDURDYÝEWA,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sport fakultetiniň sport hünäriniň 3-nji ýyl talyby:*



— Arzuwlar seni ösdürip terbiýelän mähriban döwletiň abraýy, saňa ynam edip, ýaryşly, bäsleşikli ýollara ataran halkyň bähbidi, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňde goýýan belent wezipelerini mynasyp amal etmek islegleri bilen utgaşanda altyn arzuwa öwrülýär.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzda badalga aljak täze okuw ýylymyzda meniň arzuwlarymyň başynda karate boýunça Dünýä çempionatyna gatnaşyp, Döwlet senamyzyň astynda ýaşyl Tugumyzy belentde parlatmaga goşant goşmak arzuwy durýar. Goşant goşmak diýmegimiň sebäbi, bu çempionat milli ýygyndylar çempionaty görnüşinde geçiriler. Ony häzirki garaşylyşyna görä, 22 — 24-nji noýabrda Ispaniýanyň Pamplona şäherinde geçirmek meýilleşdirilýär.

Ýurdumyzyň sportdaky baýrak gaznasyna Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyp türgeni hökmünde çykyş edip öz goşandymy goşýanlygyma diýseň begenýärin. Geçen okuw ýylynda sportuň karatedo görnüşi boýunça milli ýygyndymyzyň düzmünde halkara ýaryşlarynda çykyş edip, hormat münberlerinde ýaşyl Tugumyzy belent parlatmak, altyn, kümüş, bürünç medallary gazanmak maňa-da miýesser etdi.

Arzuwlaryň wysal bolýan ýurdunda okap, türgenleşip, halkara ýaryşlarda gazanýan ýeňişlerimiz bilen Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy begendirip, türkmen sportuny äleme ýaýarys diýip ynandyrýaryn.

*Görşümiz ýaly, talyp türgenlerimiziň asylly arzuwlary bar. Biz arzuwlaryň hasyl bolýan mekany eziz Diýarymyzda altyn arzuwlaryny hasyl etmekde, öz saýlap alan sport görnüşleri boýunça mukaddes ýaşyl Tugumyzy belent parlatmakda, ynamly ýeňişleri gazanmakda talyp ýoldaşlarymyza güýç-kuwwat, erjellik we tutanýerlilik arzuw edýäris.*

## Aziýa çempionlar Ligasyna gatnaşmak

*Röwşen BAÝLYÝEW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň talyby:*



— Meniň naýbaşy arzuwym öňdäki möwsümde çykyş edýän «Aşgabat» futbol toparymyzyň Türkmenistanyň çempionatynda ýeňiji bolmagy we özümiň toparyň düzüminde Aziýa çempionlar Ligasyna gatnaşmagym.

Adatça, toparlaýyn oýunda üstünlik, ýeňiş diňe aýratynlykda toplan tejribäňe, türgenleşigiňe bagly bolup durmaýarda, topardaşlaryň, halypalaryň, egindeşleriň bilen neneňsi sazlaşykly, utgaşykly hereket edip bilşiňe, jebis hem-de agzybirlikde oýnamagyňa bagly bolup durýar. Bu babatda men öz çykyş edýän «Aşgabat» futbol toparymyzyň tälimçilerinden hem, halypalardan, deň-duş oýunçylarymdan hem örän hoşal.

Men Türkmenistanyň çempiony diýen ada birnäçe gezek mynasyp boldum. 2000-nji ýylda doglanlaryň arasynda geçirilen çempionatda hem ýeňiji bolmak miýesser etdi.

Häzirki wagtda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby we «Aşgabat» futbol klubynyň türgeni hökmünde dünýä döwletleriniň ençemesinde okuw-türgenleşiklerinde bolup, kämilleşip, halkara ýaryşlarda çykyş edip gelýärin.

Täze okuw ýylynda hem ýurdumyzyň sport abraýyny artdyrmaga öz goşandymy goşmak esasy arzuwym . Şu günlerde Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilýän okuw-türgenleşik ýygnanyşygyna gatnaşýaryn.

Talyp ýoldaşlaryma üstünlik arzuw edýärin. Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin hoşallygymy beýan edip, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işlerinde hemişe üstünlik gazanmaklaryny dileýärin.

*Talyp türgenler bilen söhbetdeşlikleri we olara bagyşlanan ýörite sahypany Bedenterbiýe fakultetiniň sport žurnalistikasy hünäriniň 5-nji ýyl talyplary , redaksiýamyzyň işjeňleri Täzegül AZIZOWA, Ogultuwak ORAZMYRADOWA, Aşyrmyrat ORAZOW taýýarladylar.*

# UÇURYMLARYMYZ ZÄHMET WE HÜNÄR ÝOLUNDA

***Gazetimiziň şu sanynda 2023 — 2024-nji okuw ýylynda institutymyzy dürli hünärler boýunça tamamlap, ýollamalar esasynda iş orunlaryna baran, täze zähmet durmuşynyň ilkinji ädimlerini äden uçurymlarymyzyň birnäçesi bilen gürrüňdeş bolduk. Olar iş orunlarynda ilkinji aýyň dowamynda alan täsirleri, başdan geçirýän duýgulary, geljek barada ýürek hyjuwlary, öňde goýýan maksatlary barada gyzykly gürrüňleri berdiler.***



***Öktemjan HOJANIÝAZOW,***
***Lebap welaýatynyň Çärjew etrabyndaky 49-njy orta mekdebiň bedenterbiýe mugallymy:***

— Her bir adam hünäri özüçe söýýär. Men öwrenen hünärimi ýaş nesillere öwretmegi arzuw edýärdim. Bu asylly maksadyma Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Bedenterbiýe fakultetiniň futbol hünäriniň uçurymy bolup ýetdim.

2019-njy ýylda geçirilen Sambo boýunça Türkmenistanyň çempionatynda 64 kilogram agram derejesinde çykyş edip, 1-nji orna, şol ýylda geçirilen Dzýudo boýunça ýaryşda 1-nji orna, Kuraş boýunça Türkmenistanyň çempionatynda 1-nji orna mynasyp boldum.

Men ýollama esasynda iberilen iş ýerimde okuw maksatnamalarynda bellenilen sapaklary we türgenleşikleri guramagy, şonuň bilen bir wagtda okuwçylary türkmen milli hereketli oýunlary arkaly terbiýelemegi meýilleşdirýärin. Sapakdan daşary çärelerde we gurnaklarda, türgenlik tejribäme daýanyp, futbol, dzýudo, sambo we kuraş boýunça kiçi ýaşly çagalara we ýetginjeklere tälim bermegi göwnümde besleýän.

Okamaga, öwrenmäge, saýlap alan hünäriň boýunça zähmet çekmäge giň ýol açyp berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdyp, uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda rowaçlyk dileýärin.

Deň-duşlaryma öňde goýan maksatlarynda üstünlik gazanmaklaryny arzuw edýärin.

***Gülzada JORAKULYÝEWA,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uçurymy:***



— Ýokary bilim alyp, öz saýlan hünäriň boýunça iş ýeriňe baryp, işe ýerleşmek, ösüp gelýän ýaş nesillerimize bilim, terbiýe bermek, olar bilen yzygiderli türgenleşik sapaklaryny guramak belent mertebeli wezipe.

8-nji synpdan başlap gandbol oýnap başladym. 9-njy synpdakam kikboks bilen meşgullanyp, bu görnüş boýunça Lebap welaýatynyň birinjiliginde ýeňiji boldum. 2017-nji ýyldan bäri Kikboks boýunça milli ýygyndy toparynyň agzasy. Şol ýylda kikboksyň 3 nusgasy boýunça Aziýanyň çempiony boldum. Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynda hem öz agramymda çykyş edip, kümüş medala mynasyp bolupdym.

Üstümizdäki ýylyň 15 — 16-njy awgustynda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpan-Ata şäherinde geçirilen Sambo boýunça dünýä Kubogynda söweş sambosy boýunça zenanlaryň arasynda geçirilen bäsleşiklerde 72 kilogram agram derejesinde çykyş edip, bürünç medala mynasyp boldum.

Men deň-duşlarymyň ählisine iň gowy arzuwlarymy bagyş edýärin. Bize öwrenmäge, hünär eýesi bolup, döwletimiziň mukaddes ýaşyl Tuguny belentde parlatmaga ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, döwletli başlangyçlary hemişe rowaç bolsun.

***Aýbegşazada KÜRRÄÝEW,***
***Mary şäherindäki 8-nji sport mekdebiniň tälimçi mugallymy:***



— Tälimçi bolmak arzuwyma Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň sport hünärini tamamlap ýetdim. Hasyl bolan arzuwlarym üçin ýurdumyzy ösüşler ýoly bilen öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza tüýs ýürekden alkyşlarymy aýdýaryn.

5 — 6 ýaşlarymdan başlap ýokary derejeli tälimçi, kakam Ýagşymyrat Kürräýewden tälim alyp, sportuň başa-baş söweş sungaty görnüşlerine girýän sport nusgalary boýunça türgenleşip başladym. Mary şäherindäki 4-nji sport mekdebinde sportuň grek-rim görnüşi boýunça türgenleşiklerimi dowam edip, 2017-nji ýylda Ýetginjekleriň arasynda geçirilen ýurdumyzyň çempionatynda (U17) 1-nji orna mynasyp boldum.

Saýlan ugrum boýunça türgenleşiklerimi talyplyk döwrümde hem dowam edip, 2019-njy ýylda Russiýa Federasiýasynyň Kaliningrad şäherinde geçirilen halkara ýaryşda 1-nji orna we altyn medala, 2023-nji ýylyň 10 — 18-nji iýuly aralygynda Gyrgyz Respublikasynyň Bişkek şäherinde grek-rim göreşi boýunça geçirilen U23 Aziýa çempionatynda 130 kilogram agram derejesinde çykyş edip, 3-nji orna we bürünç medala mynasyp boldym.

Tamamlan hünärim boýunça ýollama esasynda Mary şäherindäki 8-nji sport mekdebinde tälimçi mugallym bolup işe başladym. Öňde goýýan maksadym ýaşlara sportuň başa-baş söweş sungaty ugry, şol sanda grek-rim göreş boýunça tälim bermek, arzuwym milli ýygyndymyzyň düzüminde üstümizdäki ýylyň noýabr aýynda Tailandda geçiriljek Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça 6-njy Aziýa oýunlaryna gatnaşyp, döwletimiziň baýdagyny belentde parlatmak.

Bu maksatlaryma we arzuwlaryma ýetmek üçin şu günlerden güýçli depginde taýýarlyk görýärin.

***Madina MAHMUDOWA,***
***Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabyndaky 6-njy sport mekdebiniň tälimçi mugallymy:***



— Çagalygymdan stoluň üstünde oýnalýan tennis hünärini söýüp, sport mekdebinde hem bu hünär boýunça yzygiderli türgenleşip geldim. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda okap, sport žurnalistikasy hünärini ele alanlygym üçin özümi bagtly hasap edýärin.

Ýollama boýunça iberilen iş ornuma — Köýtendag etrabyndaky 6-njy sport mekdebine stoluň üstünde oýnalýan tennis boýunça tälimçi mugallym bolup gelip, ilkinji iş pursatlaryna girişip gitdim. Täze okuw ýylyna taýýarlyk, täze topara okuwçy toplamak, guramaçylyk, hojalyk, resminamalaýyn işler — bularyň ählisi indi seniň ýokary bilimli özbaşdak hünärmen bolanlygyň barada jogapkärçilik duýgularyňy ýatladyp duran ýagdaýlar.

Ynha, hä diýmän täze okuw ýyly başlanar. Men täze toplan toparym bilen tennis boýunça hakyky türgenleşik sapaklaryny gurap başlaryn. Milli sportda we umuman, Garaşsyz döwletimiziň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda bolup geçýän buýsandyryjy täzelikler, ösüşler barada makalalar, habarlar bilen yzygiderli çykyş edip duraryn.

Tennis sapaklaryny guramak boýunça usuly edebiýatlary öň hem yzygiderli okaýardym. Häzirki okuw ýylyna taýýarlyk pursatlarynda okuwçylar bilen tanşyp, olaryň ukyp-başarnyklaryny synag edip görýän döwrümde tennis bilen meşgullanýan dürli ýaşdaky okuwçylar bilen sapaklary, türgenleşikleri, arakesme-dynç alyş çärelerini guramak bilen bagly usuly başlangyçlar, göz öňüne getirmeler döreýär.

Bu başlangyçlar tennis boýunça sapaklary, türgenleşikleri guramak bilen bagly täze usuly gözleglere hem gönükdirermikä diýip plikir edýärin.

Men deň-duşlarymyň her birine täze iş orunlarynda üstünlik arzuw edýärin. Biz — ýaşlara okamaga, öwrenmäge, döretmäge giň ýol açyp berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýärin.

***Görşümiz ýaly, uçurym deň-duşlarymyzyň, türgenlerimiziň asylly maksatlary, arzuwlary bar. Öňüňde aýdyň maksat goýmak, meýilnamaly, maksatnamaly işlemek her bir ugran ugruňda üstünlik, ýeňiş getirýär.***

***Biz uçurymlarymyz, ýaş hünärmenlerimiz bilen gürrüňdeş bolmak arkaly, öňde duran okuw ýylynda dürli hünärler boýunça okuwlaryny dowam etdirýän talyp deň-duşlarymyzyň hem bu asylly ýörelgeleri özlerine görelde edinip almaklaryny, geljekki hünär ýollarynda öz öňlerinde aýdyň maksatlary goýmaklaryny we maksada ýetmek üçin okgunly hereket etmeklerini göz öňünde tutduk.***

***Uçurymlarymyz bilen söhbetdeşlikleri we ýörite sahypany Bedenterbiýe fakultetiniň sport žurnalistikasy hünäriniň talyplary Täzegül AZIZOWA, Geldimyrat SOLTOWOW, Humaý MUHYÝEWA, sport psihologiýasy hünäriniň talyby Mährijemal KOMMYÝEWA taýýarladylar.***

# DOST-DOGANLYK GUJAGYNDA PYRAGY



## SAIDO NASAFI



Saýido Nasafi täjik halkynyň beýik şahyry, tanymal söz ussadydyr. Şirin gazallary, kasydalary bilen okyjylar köpçüliginiň ýüreginden hemişelik orun alan Gündogar şygryýetiniň parlak ýyldyzlarynyň biridir.

Ylmy maglumatlara görä, Saýido Nasafi 1637-nji ýylda Buhara emirliginiň garamagyndaky Garşy şäheriniň ýanyndaky Nasaf obasynda dünýä inipdir. Onuň Nasafi diýen edebi tahallusyny almagy hem şunuň bilen baglanyşykly diýlip hasap edilýär.

Gündogar nusgawy edebiýatynyň taryhy Orta Asyrlar döwründen başlap, tä XX asyryň birinji ýarymyna çenli özbek topragynda dünýä inen, ýaşan we döreden täjik söz ussatlarynyň giden bir toparynyň döredijiligini okyjylara hödürleýär. Şonuň ýaly-da, özbek halkynyň ogullary, gyzlary bolan nusgawy edebiýat ägirtleriniň hem öz döredijilik dünýäsinde özbek we täjik dillerinde döredilen eserlere giň orun berenleri bir ýa-da iki däldir. Bu beýik döwrüň (pleýadanyň) iň görnükli wekilleriniň biri bolan Saýido Nasafi hem öz eserlerini täjik hem-de pars dillerinde döretmek bilen, Gundogar şygryýetiniň almaz täjini başyna geýen ussatlaryň hataryna goşulypdyr.

Saýido Nasafi ömrüniň köp bölegini Buhara sebitlerinde ýaşapdyr we şol ýerde bilim alypdyr. Ata-baba dowam bolup gelýän hünäri bolan dokmaçylyk hünärini ezberlik bilen ýöredipdir. Ol beýleki bir döwürdeş söz ussady Fitrad Zarduz Samarkandy bilen bir hatarda Subhanguly hanyň döwründe şäher senetçileriniň arasynda rowaçlanan täjik şygryýetiniň görnükli wekili bolupdyr. Bu şygryýet öz alamatlary boýunça halky äheňli şygryýet bolupdyr. Onda pars nusgawy edebiýatynyň dili ýönekeý gepleşik dili bilen özara alaçaly ýag ýaly utgaşypdyr.

Saýido Nasafiniň edebi döredijiliginiň esasy ugurlary döwürdeş senetçileriniň durmuşy, zähmet we zähmetsöýerlik, halallyk, adamkärçilik ýaly temalary öz içine alypdyr. Şol bir wagtda agzybirlik, özara düşünişmek, hoşniýetli goňşuçylyk meselelerine aýratyn üns beripdir. Ussadyň edebi döredijiligi şol bir wagtda žanr we görnüş babatda köpdürli we köpöwüşginli bolupdyr. Şahyr şäher edebi žanry bolan şahraşub žanrynyň ösmeginde hem ähmiýetli orun eýeläpdir.

**Gara halyň ýşgynda**
**örtenip ýanyp, halym teň,**
**Demim gidip gelmegi**
**boldy mürçeýi-hala deň.**
**Derdim artyp, gül meňzim**
**gam ile solupdyr meň,**
**Üzüm suwy mysallym,**
**ber köňle rahatlyk bir dem.**

Saýido Nasafiniň iň meşhur eserleriniň hatarynda onuň ýşk-söýgi temasyndan döreden ençeme gazallaryny, «Suratkeş hakynda kasyda», «Nanbaý hakynda kasyda» diýen ýaly kasyda eserlerini agzap geçmek bolar.

Bilbil kirpigin almyşdyr nakgaşlyk galamyna,
Inçe gaşlaryn çyzmaga zyýan bermesin diýip.

Bu hiç kimi gaýtalamaýan özboluşly çeperçilik meňzetmeleri Saýido Nasafiniň ussatlygy hakynda özge düşündirişi talap etmeýär.

Saýido Nasafi 1711-nji ýylda dünýäden ötüpdir. Ussadyň edebi mirasy, ýagty ýadygärligi täjik, özbek halklarynyň arasynda, şeýle hem Gündogarda we dünýä okyjylar jemgyýetçiliginiň arasynda belent tutulýar.

*Humaý MUHYÝEWA,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

# TEHNIKI HOWPSUZLYK KADALARYNY BERJAÝ EDELIŇ

*Täze okuw ýylynyň başlamagy bilen, okuw, türgenleşik otaglarynda, umumyýaşaýyş jaýlarynda, gök zolaklarda bolunýan wagtlarda dürli heläkçilik we ýangyn hadysalarynyň ýüze çykmagyna getirip biljek hereketleriň öňüni almak maksady bilen:*

*— dürli tehniki, mehaniki we elektrik energiýasy bilen işleýän enjamlardan seresaply peýdalanmaly:*

*— otaglarda, zallarda, dälizlerde, gök zolaklarda arassaçylyk talaplaryny berjaý etmeli;*

*— naharhanadan we biş-düş otaglaryndan beýleki göz öňünde tutulmadyk ýerlerde elektrik çäýnekleri we nahar gyzdyryjylary ulanmaly däl we gözegçiliksiz goýmaly däl;*

*— bir elektrik birikdirijisine bir wagtda uly möçberde elektrik energiýasy bilen işleýän birnäçe enjamy birikdirmeli däl we gözegçiliksiz galdyryp gitmeli däl;*

*— elekrtik çeşmesine birikdirilgi elektrik birikdirijileriň geçirijilerini (simlerini) geçilýän ýerlerde aýak astyna taşlamaly däl we üstünden basyp geçmeli däl;*

*— daşky örtügi açylan elektrik geçirijilerini (simlerini) ulanmaly däl.*

*— zallardan we otaglardan çykylyp gidilende elektrik çyralarynyň we sowadyjylaryň öçürilendigine ünsli gözegçilik etmeli we öçürilmediklerini öçürmeli;*

*— köp möçberde elektrik togy bilen işleýän kompýuter, sanly ulgam tehnologiýalaryny uzak wagtyň dowamynda öçürmän ulanyp, olaryň bellenilen möçberinden artyk gyzmagyna we bozulyp hatardan çykmagyna, şol sanda ýanmagyna ýol bermeli däl;*

*— elektrik energiýasy bilen işleýän enjamlaryň elektrik geçirijileriniň (simleriniň) biri-birine ýa-da eplenen, towlanan ýagdaýynda öz-özüne degip, gysga utgaşmalara we ýangynlara getirmeginiň öňüni almak üçin gözegçilik etmeli;*

*— iş kompýuterlerine we beýleki enjamlara tehiki taýdan guratdygy belli bolmadyk öz hususy enjamlaryňy (ykjam telefon, planşet, printer we beýlekiler) çatyp ulanmaly däl.*



TALYP SPORTY

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň elektron görnüşde, aýda 1 gezek neşir edilýän gazeti

Möçberi: 0,5 çap list. Sahypa sany: 8

REDAKSIÝANYŇ GEŇEŞI:

J.Abdyllaýewa, G. Baýlyýewa, M. Joraýewa, T. Azizowa, M. Durdyýewa, A. Amanowa, G. Soltowow, S. Babanazarowa, L. Kürenowa, A. Mämmedowa, H. Muhyýewa, A. Şaýymowa. S. Bäşimowa, Ş. Aşyrowa, M. Suwhanowa.

Salgysy: 744013. Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.
Gazetiň asyl nusgasy Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda taýýarlanyldy.

e-mail: tdbsi@sanly.tm

Redaktor Agabaý Akmyradow